Eziz Watanymyzda milli ykdysadyýetiň esasy ulgamlarynyň biri bolan nebitgaz pudagyny köpugurly ösdürmäge, kämil hünärmenleri taýýarlamaga möhüm üns berilýär. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň 14-nji dekabrynda ýurdumyzda Nebitgaz senagaty we geologiýa işgärleriniň güni dabaraly bellenildi. Häzirki wagtda «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär. Energiýa serişdeleriniň ätiýaçlyk gorlary boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýän «Galkynyş» gaz käniniň tapgyrlaýyn özleşdirilmegi türkmen tebigy gazyny halkara bazarlara ibermegiň mümkinçiliklerini giňeldýär. Mawy ýangyjyň eksportyny köpugurly esasda ösdürmek strategiýasy durmuşa geçirilýär. Şunda uglewodorod serişdelerini çykarmak mümkinçilikleriniň artdyrylmagyna üns berilýär. Ýurdumyzyň köp künjeklerinde geologik-barlag, gazuw-agtaryş işleriniň giň gerimde geçirilmegi bilen, täze maglumatlar, netijeler alynýar.

Tebigy gazy gaýtadan işläp, dünýä bazarynda isleg bildirilýän önümleri öndürýän döwrebap gazhimiýa toplumlary gurlup, ulanmaga berilýär. Nebit we gaz ýataklarynda netijeli, häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän täze innowasion tehnologiýalara, ylmyň soňky gazananlaryna, sanly çözgütlere esaslanýan işler alnyp barylýar. Ýurdumyzda tebigy serişdeler özleşdirilende, oýlanyşykly, daşky gurşawa aýawly çemeleşmek ýörelgeden ugur alynýar. Milli gazhimiýa we nebiti gaýtadan işleýän pudaklaryň geljegi uly bolan meýilnamalary ekologik düzüm bilen berk baglydyr. Ulanmaga berilýän senagat desgalarynda ekologik kadalaryň berjaý edilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Energiýa serişdeleri gazylyp alnanda, önümçilige netijeli gorag serişdeleri ornaşdyrylanda ekologik töwekgelçilikleri azaltmak, döwrebap dolandyryş çözgütlerini ulanmak üçin halkara düzümler bilen hyzmatdaşlyk yzygiderli giňeldilýär.

Ýurdumyzda ýangyç-energetika toplumynyň gazananlaryny giňden ýaýmak, nebitgaz pudagynda halkara hyzmatdaşlygy ilerletmek maksatlarynda halkara forumlar yzygiderli geçirilýär. Forumlarda energiýa serişdeleriniň öndürilmegini, ugradylmagyny we sarp edilmegini gurşap alýan ählumumy energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, gyzyklanma bildirýän hyzmatdaşlar bilen özara gatnaşyklaryň ýörelgeleri, energetika diplomatiýasyny, gaýtadan dikeldilýän energetikany, uglewodorodlary gazyp almakda innowasion tehnologiýalary we nou-haulary ösdürmek, metanyň we ugurdaş gazlaryň zyňyndylaryny azaltmak ýaly meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar. Bu wezipeleriň durmuşa geçirilmegi milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynyň öňünde giň mümkinçilikleri açýar, täze iş orunlaryny döredýär. Milli ylym-bilim we innowasion tehnologiýalar esasynda öz tebigy baýlyklarymyzy netijeli özleşdirmek ykdysadyýetimizi ösdürmegiň iň ygtybarly girewidir.

**Derýa AGAJANOW**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены